# Diri öwlüýä: Parawbibi

Category: Geň-taňsy wakalar,Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Diri öwlüýä: Parawbibi

DIRI ÖWLÜÝÄ: PARAWBIBI

Arazaly şahyryñ Aşgabadyñ zyndanynda goly bagly ýatyrka, öz iline ýollan goşgularynyñ birinde:

Uruşda adam gyrylýar,
Gyssanañda çagyrylýar,
Ýetişikli diri öwlüýä,
Parawbibim, senden medet.

– diýip, ýazyşy ýaly, Parawbibi günbatar Türkmenistanda keramatly ýer hökmünde meşhurdyr. Adamlar ir döwürlerden bäri ondan delalat isläp zyýarata barýarlar.
Il içinde ýaýran gürrüñe görä, çagasy nähoş aýal onuñ daş öýünde oturyp hemaýat diläpdir. Günleriñ birinde ýaş çaga halynyñ üstüne peşew edipdir. Aýal halynyñ şol ýerini ýuwupdyr. Ertesi görse, halynyñ peşew edilen ýeri tegelenip kesilipdir. Şondan soñ il-gün Parawbibiniñ diri öwlüýädigine hasam ynanypdyr. Oña Paraw ejeke diýýänleriñ sany artypdyr . Adamlar ony öz uýalary hasaplapdyrlar.
SSSR döwründe Parawbibiniñ iki otagjyk aş öýi bardy. Ony ýykyp, ýerini tekizläpdiler. Döwrüñ üýtgemegi bilen şol jaýyñ ýerinde öñi eýwanly şarñyldap duran dört otagly jaý salyndy. "GULMAÇ" firmasynyñ eýesi Düýegurban Mürzäýew geçen asyryñ 90-njy ýyllarynda gurluşyk materiallaryny eltip, öz hasabyna etegi oturmaga niýetlenen telärli uly bassyrma etdiripdi.
Bir gezek biz Parawbibä zyýarata baranymyzda, asman dört-bäş günläp gara buluda gaplanyp dursa-da, gökden nem damanokdy. Aýazly ýel bardy. Biz ir ikindin Parawbibä geldik. Degsin sadakasy atarylan badyna Ýaradanyñ emri bilen ýel tapba ýatdy.
Hawa, ýylyñ dört paslynda, haçan barsañ, Parawbibi zyýaratgähi zenanlardan, çaga-çugalardan dos-doly. Aş öýüñ 40-50 ädim

gaýrasynda kesilen sazakdyr selin agaçlarynyñ odunlary basylyp, hemişe seññer galdyrylgy durardy. Indi oduna-çöpe mätäçlik ýok, mawy ýangyç gübläp ýanyp dur. Zyýarata baranlara keramatly ýerde hyzmat edip, ahyretde sogap gazanjakdygyna durky bilen ynanýan adamlarymyz hem az däl. Türkmen ýöne ýere "Ölüsini sylan beg bolar" diýenok.
Zyýaratçlar gonamçylyga barýarlar. Çar ýanda Kuran çykylýar. Soñra diri öwlüýäniñ başynda sadaka berilýär. Il-günüñ Parawbibini ýat edip berýän sadakalary kabul bolsun!

Tatar ÜÝŞMEKOW,
ýazyjy.

Geň-taňsy wakalar